# Dünýä

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Dünýä DÜNÝÄ



Bu ykbalmy, gözýaşymdan kepmedim,
Etegimden daşyň aýyr, jan dünýä!
Ynam sönse, umyt berdiň – çökmedim,
Nesibäme gädik berdiň nan, dünýä!
Bilýärdim men, bu söwdaly güzerde,
Bir düşlesem, ykbal gör, ne ýazarda?
Mekanymy salgym örtdi nazarda,

Bike başa hesret goýdy han, dünýä.

Aýdaý maňa, birje ýagşy sözüni,
Azaşmaýyn, daňma indi gözümi,
Perdäňi syr, ýagşa düşür ýüzümi,
Gaýgy-gamdan kän geýdirdiň don, dünýä!

Akdyrmadyň maňa, beslän çeşmelem,
Neçün özgä berdiň soýlan keşdelem?
Bir zarlyga zar boluplar teşne men,
Hesretimi derýa saýyp gan, dünýä!

Bilýän bir gün senem idäp gelersiň,
Yhlasymy görüp, bagryň diler sen.
Şonda müň dirilip, müň bir öler sen…
Ýöne maňa degmäweri, jan dünýä!

Bir bagyň bar, ýer ýetmedi, saýadyň,
Aýt sen ony kimler üçin aýadyň?
Halas et sen, umydymy gaýadan,
Sensiz galsam, dostum haýsy ýan, dünýä?!. Goşgular